Soňra nusgalar derňew üçin Italiýa iberildi. Alymlar futbolkalarda synaga  gatnaşyjylaryň hersine mahsus özboluşly mikroblaryň ýarym ýyllap saklanyp galandygyny anykladylar. Şeýle hem gözlegçiler bu mikroblaryň käbiriniň arassa eşiklere hem geçendigini anykladylar.
Bu açyş kriminalistika üçin möhüm ähmiýete eýe bolup biler. Mikrobiomlaryň seljermesi derňewçilere jenaýatda güman edilýän adamlary kesgitlemäge, jenaýatyň ýüze çykan ýerinde kimleriň  bolandygyny kesgitlemäge mümkinçilik berer we birgiden açylmadyk jenaýatlary aýdyňlaşdyryp biler.

Merkezi Lankaşir uniwersitetiniň (Beýik Britaniýa) we Gündogar Pýemont uniwersitetiniň (Italiýa) hünärmenleri tarapyndan geçirilen bu gözlege Awstraliýanyň iki ýaşaýjysy gatnaşdy. Olar 24 sagatlap pagta futbolka geýip gezdiler. Soňra futbolkalary arassa zatlar bilen birlikde alty aýa çenli gözegçilik edilýän ýerde ýerleşdirdiler we doňdurdylar.

Alymlar adam derisinde ýaşaýan bakteriýalaryň täsin jemgyýetleriniň şahsyýeti tanamakda we jenaýatlary derňemekde ulanylyp bilinjekdigini ýüze çykardylar. Bu “mikrob yzlary” geýimlerde we beýleki zatlarda uzak wagtlap saklanyp bilýär diýip, Phys.org ýazýar.

Все права защищены